# Il aladasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Il aladasy IL ALADASY

Atly ýolagçy çeşmede,
Hyýallandy dynç alara.
Eýtdi-beýtdi, agaç tapdy,
Gazyk kakyp at daňara.

“Ýene biri atyn daňar,
Men dek düşläp suw içende”-
Diýip, gazygyn g:aldyrdy,
Atlanyp ýola düşende.

Bir günem suw içsem diýip,
Sowulanda çeşme taýa,
Büdredi hälki gazyga,
Geçip barýan bir pyýada.

Demin dürsäp, gitjek çagy,
Ol hem etdi-de tapyrdy,
“Büdräýmesin ýene biri”-
Diýip, gazygy gopardy.

Haýsy etdi az-kem sogap,
Bil, okyjy, senden jogap?!

2022 ý.

***

*Göçüp gaýdan ýerimizi gorap, eýesiniň gelerine garaşyp galan,* ***“Gara” atly itimize bagyşlanýar.***

Adam ara haýwan parhy diýlende,
Göz öňüne tutýar aňy köp bende.
Haýwan diýlen närsä aň-oýsyz diýse,

Ynanjakmy sen, eýse?!

Öňden aňýar gaý, tupanyň turjagyn,
Öňden aňýar hat-da ýer yranjagyn,
Eýesin, tünegin söýse, eý görse,
Aňsyz bolarmy, eýse?!

Awunda ulansa hile-aldawy,
Toparyna berip bilse goldawy,
Taýakdan daş dursa, mähiri duýsa,
Akly bolmazmy, eýse?!

Aňsa kimler duşman, kimlerem dosty,
Duşmandan gorasa ynalnan posty.
Şeýle itdi biziň Gara “neresse”,
Şu söze mynasyp dälmidir, eýse?!

1993 ý. Goşgular